Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
— BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!

# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir!

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar.

№11 (160) 2026-njy ýylyň 20-nji apreli



## HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY

**13-nji aprelde** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow jenap Nizar Amedä Yrak Respublikasynyň Prezidenti wezipesine saýlanylmagy mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny we iň gowy arzuwlaryny iberdi.

Döwlet Baştutanymyz mümkinçilikden peýdalanyp, Prezident Nizar Amedä tüýs ýürekden berk jan saglyk, egsilmez gujur-gaýrat, Yrak Respublikasynyň halkynyň öňe gitmegine hem-de gülläp ösmegine gönükdirilen ähli başlangyçlarynda uly üstünlikleri arzuw etdi.

***

**13-nji aprelde** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda sanly ulgam arkaly iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda we welaýatlarda alnyp barylýan işler bilen baglanyşykly meselelere garaldy.

***

**15-nji aprelde** Pekiniň hytaý lukmançylygy uniwersitetiniň rektory Tan Çžişuwyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýetiň agzalary ýurdumyza saparynyň çäklerinde Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň Arkadag şäherinde ýerleşýän ştab-kwartirasyna baryp gördüler.

Arkadag şäherinde Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewanyň Pekiniň hytaý lukmançylygy uniwersitetiniň rektory we wekiliýet agzalary bilen duşuşygy boldy.

***

**15-nji aprelde** türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpiniň tabşyrygy boýunça ýurdumyza sapar bilen gelen Hytaýyň Kommunistik partiýasynyň Merkezi komitetiniň Syýasy býurosynyň hemişelik komitetiniň agzasy, Hytaý Halk Respublikasynyň Döwlet Geňeşiniň Premýeriniň birinji orunbasary Din Sýuesýan bilen duşuşdy.

***

**15-nji aprelde** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Koreýa Respublikasynyň Türkmenistanda täze bellenilen Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Li Wonjeni kabul etdi. Ol döwlet Baştutanymyza ynanç hatyny gowşurdy.

***

**15-nji aprelde** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Italiýa Respublikasynyň Türkmenistanda täze bellenilen Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Martin Brugy kabul etdi. Ol döwlet Baştutanymyza ynanç hatyny gowşurdy.

***

**16-njy aprelde** paýtagtymyzda Hyzmatdaşlyk boýunça türkmen-hytaý hökümetara komitetiniň ýedinji mejlisi geçirildi. Bu duşuşyk iň ýokary döwlet derejesinde gazanylan ylalaşyklary iş ýüzünde durmuşa geçirmegiň möhüm tapgyryna öwrülip, iki ýurduň hem hemmetaraplaýyn strategik hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmaga ygrarlydygyny tassyklady.

***

**16-njy aprelde** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpiniň tabşyrygy boýunça ýurdumyzda saparda bolýan Hytaýyň Kommunistik partiýasynyň Merkezi komitetiniň Syýasy býurosynyň hemişelik komitetiniň agzasy, Hytaý Halk Respublikasynyň Döwlet Geňeşiniň Premýeriniň birinji orunbasary Din Sýuesýany kabul etdi.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

## TÜRKMENISTAN — HYTAÝ:
## ÝANGYÇ-ENERGETIKA PUDAGY — HYZMATDAŞLYGYŇ MÖHÜM UGRY

Häzirki wagtda hemişelik Bitarap döwletimiziň esasy strategik hyzmatdaşlarynyň biri Hytaý Halk Respublikasydyr. Taryhy maglumatlardan hem bilşimiz ýaly, türkmen-hytaý gatnaşyklary özüniň gözbaşyny gadymyýetden alyp gaýdýar. Munuň şeýledigini Gahryman Arkadagymyzyň golaýda Hytaýyň «CGTN» teleýaýlymyna beren interwýusynda: «Şu ýerde özboluşly resminama bolan «Kasam şertnamasyny» ýatlamak ýerlikli bolsa gerek. Oňa türkmenleriň ata-babalary Hytaýyň halky bilen biziň eýýamymyzdan ozalky 49-njy ýylda gol çekipdirler. «Kasam şertnamasynyň» adynyň özi iki halkyň özara gatnaşyklarynyň esasynda synmaz we mukaddes kadalaryň goýlandygyny görkezýär. Häzirki döwürde Türkmenistanyň we Hytaý Halk Respublikasynyň ýolbaşçylary örän baý taryhy esaslara daýanyp, hyzmatdaşlygyň şol ruhuny hem-de däplerini dikeldýärler. Döwletara gatnaşyklaryň taryhynyň müňýyllyklara, Beýik Ýüpek ýolunyň hereket eden döwrüne uzap gidýändigine iki ýurtda hem düşünmek bilen garaýar. Bu bolsa biziň uly gymmatlygymyzdyr, dostlugymyzyň, özara bähbitli, deňhukukly hyzmatdaşlygymyzyň hemişelik esasydyr» diýip bellemegi hem doly aýdyňlygy bilen tassyklaýar. Şeýle gatnaşyklar Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hem dowamat dowam bolýar.

Döwletlerimiziň arasyndaky hyzmatdaşlygyň esasy ugurlarynyň biri ýangyç-energetika pudagydyr. Uglewodorod serişdeleriniň baý gorlaryna eýe bolan döwletimiz Hytaý Halk Respublikasyna tebigy gazy uly möçberde eksport edýär. Bu bolsa ikitaraplaýyn söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyň berkidilmegine itergi berýär. Ýurdumyz 20 ýyldan bäri Hytaýyň Milli nebitgaz korporasiýasy (CNPC) bilen hyzmatdaşlyk etmek arkaly, geçen döwrüň dowamynda asyryň taslamasy bolan Türkmenistan — Hytaý gaz geçirijisiniň üstünlikli durmuşa geçirilmegini gazandy. Häzirki wagtda ikitaraplaýyn gaz ulgamyndaky hyzmatdaşlygy has-da pugtalandyrmak babatda giň gerimli işler alnyp barylýar we bu ugurda anyk netijeler gazanylýar.

Bilşimiz ýaly, ýakynda Hytaýyň Kommunistik partiýasynyň Merkezi komitetiniň Syýasy býurosynyň hemişelik komitetiniň agzasy, Hytaý Halk Respublikasynyň Döwlet Geňeşiniň Premýeriniň birinji orunbasary Din Sýuesýan Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpiniň tabşyrygy boýunça ýurdumyzda saparda bolup, onuň dowamynda türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz bilen, şeýle-de hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyz bilen duşuşdy.

Ýurtlarymyzyň arasyndaky gatnaşyklar giň ugurlary, şol sanda ykdysadyýet, medeniýet, ylym-bilim ulgamlaryny öz içine alýar. Ýangyç-energetika pudagy ikitaraplaýyn hyzmatdaşlykda ileri tutulýan ugur bolup durýar. Şu ýyl Türkmenistan bilen Hytaýyň gaz pudagyndaky hyzmatdaşlygyň 20 ýyllygyny belläp geçmegi bu pudagyň strategik ähmiýetini tassyklaýar. Duşuşygyň dowamynda döwlet Baştutanymyz: «Biz Mary welaýatynda «Galkynyş» gaz käniniň dördünji tapgyryny özleşdirmäge badalga berýäris. Bu ugurdaky üstünlikler ýokary derejede syýasy dialogyň işjeň alnyp barylmagy bilen baglydyr» diýip belledi we geçen ýyl Hytaý Halk Respublikasyna bolan saparyny, şeýle hem Gahryman Arkadagymyzyň ýakynda bu ýurda amala aşyran dostluk saparyny ýakymly duýgular bilen ýatlaýandygyny aýtdy.

Mälim bolşy ýaly, golaýda Söwda-senagat edarasynda «Türkmenistan — Hytaý Halk Respublikasy: gaz pudagynda strategik hyzmatdaşlygyň 20 ýyly» atly halkara ylmy-amaly maslahat hem geçirildi. Forumyň çäklerinde Türkmenistanyň gaz pudagynyň gazananlaryny we hytaýly hyzmatdaşlaryň öňdebaryjy işläp taýýarlamalaryny görkezýän giň gerimli sergi ýaýbaňlandyryldy.

Ýurdumyzyň energetika diplomatiýasynyň çäginde amala aşyrylan Türkmenistan — Hytaý transmilli gaz geçirijisiniň gurluşygy asyryň iri taslamalarynyň biri hökmünde taryha girdi. Diýarymyzda tebigy gazyň gorlary boýunça dünýäde iň iri «Galkynyş» gaz käniniň nobatdaky tapgyrynyň özleşdirilmegi esasynda bu gaz geçirijiniň goşmaça ugurlarynyň gurulmagy bilelikde durmuşa geçirilýän energetika taslamalarynyň geljekde-de durnukly ösüşiň we sebitiň ykdysady durnuklylygynyň berk binýady bolup hyzmat etjekdigini tassyklaýar.

Häzirki wagtda ýurdumyz bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasynda ýangyç-energetika ulgamynda alnyp barylýan özara bähbitli hyzmatdaşlyk barha ilerledilýär. Mary welaýatynda «Galkynyş» gaz käniniň dördünji tapgyryny özleşdirmäge badalga berilmegi hem munuň şeýledigini doly aýdyňlygy bilen subut etdi.

Goý, döwletimiziň halkara abraýyny yzygiderli belende galdyrýan türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun!

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

# IL-ÝURT ÄHMIÝETLI BEÝIK IŞLER ROWAÇLYGYŇ AÝDYŇ ÝOLUNDA




Häzirki wagtda milli ykdysadyýetimizi dünýä ülňülerine laýyklykda ösdürmek, ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da gowulandyrmak ugrunda döwletimiz tarapyndan maksatnamalaýyn işler durmuşa geçirilýär. «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynyň» we «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça maksatnamasynyň» wezipelerine görä, ýurdumyzda täze obalardyr şäherler, ýollardyr köprüler yzygiderli gurlup ulanylmaga berilýär. Ýakynda hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda Mary welaýatynyň Ýolöten etrabynyň Ymambaba geňeşliginde täze, döwrebap şäherçäniň düýbüniň tutulmagy, şeýle-de Aşgabat — Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň Mary — Türkmenabat böleginiň açylmagy hem döwletimizde halkymyzyň durmuş-ykdysady ýagdaýynyň gowulandyrylmagy ugrunda edilýän ägirt uly aladalaryň subutnamasydyr.

Düýbi tutulan täze, döwrebap şäherçede-de ähli amatly şertler dörediler. Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrligi tarapyndan guruljak täze şäherçe 800 gektardan gowrak meýdany öz içine alar. Ýolöten etrabyndaky täze şäherçede jemi 22 müň 500-den gowrak ilata niýetlenen 4 müň 500 sany ýaşaýyş jaýy bina ediler. Bu jaýlarda adamlaryň ýaşamagy üçin amatly şertler dörediler. Şeýle hem bu ýerde Geňeşiň edara binasy, orta mekdepler, çagalar baglary, saglyk merkezleri, medeniýet öýi, metjit gurlup ulanmaga berler. Täze şäherçede döwrebap durmuş üpjünçilik ulgamlary hereket eder. Munuň özi «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki Milli maksatnamasyndan» gelip çykýan wezipeleriň üstünlikli durmuşa geçirilýändigini görkezýär.

«Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir» diýýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda ata-babalarymyzyň ýoldur köpri gurmak ýaly asylly işleri mynasyp dowam etdirilýär. Aşgabat — Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň Mary — Türkmenabat böleginiň açylmagy hem ýurdumyzyň ulag ulgamynyň yzygiderli ösdürilýändiginiň nobatdaky aýdyň güwäsi boldy.

Mälim bolşy ýaly, uzynlygy 600 kilometre deň bolan Aşgabat — Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň gurluşygyna 2019-njy ýylda badalga berildi. Bu ýoluň birinji tapgyry bolan Aşgabat — Tejen bölegi 2021-nji ýylda, Tejen — Mary bölegi bolsa 2024-nji ýylda açylyp ulanmaga berildi. Bu iri taslamanyň durmuşa geçirilmegi ýurdumyzyň ähli umumy ulag ulgamyna goşulyşmagy bilen bir hatarda, halkara ulag geçelgelerini işjeňleşdirmekde-de uly ähmiýete eýedir.

BMG-niň Baş Assambleýasynyň Türkmenistanyň başlangyjy esasynda dürli ýyllarda ulag ulgamyndaky hyzmatdaşlyga hil taýdan täze itergi bermäge gönükdirilen degişli Kararnamalary, şol sanda «Durnukly ösüş üçin halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde ulag-üstaşyr geçelgeleriniň orny», «Durnukly multimodal geçelgeleriniň döredilmegine ýardam bermek maksady bilen ulagyň ähli görnüşleriniň arasynda köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy üpjün etmegiň ýolunda», «Durnukly ösüş maksatlaryny amala aşyrmak bilen baglylykda ulagyň ähli görnüşleriniň arabaglanyşygyny berkitmek» atly Kararnamalary, şeýle-de 26-njy noýabry «Bütindünýä durnukly ulag güni» diýip yglan etmek hakynda Kararnamany kabul edendigini bellemek gerek. 2025-nji ýylyň 15-nji dekabrynda bolsa «Birleşen Milletler Guramasynyň Durnukly ulag boýunça onýyllygy (2026 — 2035-nji ýyllar)» atly Kararnama kabul edildi. Bu resminama Türkmenistanyň ähli umumy gün tertibiniň wajyp meselelerini çözmek üçin dünýä jemgyýetçiliginiň tagallalaryny birleşdirmäge gönükdirilen syýasatynyň logiki dowamydyr.

Sözümizi jemläp aýdanymyzda, türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň saýasynda, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda durmuşa geçirilýän özgertmeler döwletimiziň berkaralygynyň pugtalandyrylmagyna, halkymyzyň bagtyýar durmuşyna gönükdirilendir.

Goý, halkymyzyň durmuş-ykdysady ýagdaýynyň yzygiderli ýokarlandyrylmagy ugrunda taýsyz tagallalar edýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

**Perhat MAHREMOW,**
Halkara gatnaşyklary we diplomatiýa kafedrasynyň mugallymy.

# THE VISIT OF OUR HERO-ARKADAG TO AUSTRIA: NEW HORIZONS OF INTERNATIONAL COOPERATION

In the era of the Revival of the New Epoch of the Powerful State, our country establishes mutually beneficial, friendly relations with many states of the world and international organizations. One of the countries with which our state is systematically strengthening political, economic, and cultural cooperation on a bilateral and multilateral basis is the Republic of Austria. The visit of the Hero-Arkadag to this state once again clearly confirmed that the relations between the two countries, based on the principles of equality, mutual benefit, and friendship, are steadily advancing.

Hero-Arkadag, answering questions of journalists, outlined his thoughts and views on the recent situation in the territories adjacent to our region.

The participation of the Hero-Arkadag in the International Vienna Energy and Climate Forum during his visit to the Republic of Austria is particularly noteworthy. As is known, the International Vienna Energy and Climate Forum, established in 2008 under the auspices of UNIDO and the Government of Austria, has become a key global platform for implementing environmental initiatives over the past years.



As is known, during his visit to the Republic of Austria, Hero-Arkadag met with the head of the Turkmen-Austrian Society, Neda Berger. During the meeting, the interlocutors noted the vast potential for humanitarian cooperation and confirmed their readiness to further expand bilateral ties.

During his visit to the Republic of Austria, the National Leader of the Turkmen people, Hero-Arkadag held negotiations with the Federal President of Austria Alexander Van der Bellen. During the constructive exchange of views, Hero-Arkadag emphasized that the current visit to the Republic of Austria is regarded as an important step that will give a strong impetus to the intensification of bilateral cooperation. It is symbolic that Turkmenistan and Austria are marking significant dates related to the legal status of neutrality at almost the same time.

Hero-Arkadag expressed heartfelt gratitude to the Republic of Austria for its consistent support of Turkmenistan's international initiatives, in particular for co-sponsoring numerous resolutions of the United Nations General Assembly. Austria's active support for Turkmenistan's candidacy for a non-permanent seat on the United Nations Security Council for 2031 — 2032 is clear evidence of the high level of mutual trust.

National Leader of the Turkmen People and Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov also met with the General Director of Agency Rafael Grossi at the headquarters of the International atomic energy agency (IAEA) and discussed the potential for peaceful uses of nuclear energy. Following the meeting, representatives of the media of our country addressed a number of questions to Hero-Arkadag.

Hero-Arkadag also noted that Turkmenistan proposes considering the development, under the auspices of the United Nations, of an "Energy Code" that would clearly reflect the rejection of the politicization of relations in this sphere.

The National Leader of the Turkmen people also proposed joining efforts for the practical implementation of Turkmenistan's initiative to create a universal international legal document of the United Nations aimed at global cooperation in the energy sector based on new principles, including the regulation of production, transit, and consumption of energy resources. Advancing this work, Turkmenistan will submit to the United Nations General Assembly a draft Resolution entitled "The Key Role of Reliable and Stable Energy Connectivity in Ensuring Sustainable Development," Hero-Arkadag said.

The initiatives presented by the National Leader of the Turkmen people, Hero-Arkadag, at this forum defined new directions for addressing global environmental issues and confirmed Turkmenistan's role as a reliable partner in the energy space. Our country once again proved its creative approach to forming a new architecture for international energy security by harmoniously combining national interests with efforts toward global environmental well-being.

In general, the visit of the Hero-Arkadag to the Republic of Austria opened a new chapter in the history of bilateral relations and once again clearly confirmed Turkmenistan's position as a reliable partner in the international arena.

**Hudayberdi ROZYKOV,**
the 4th year student of the Faculty of International Relations.

2026-njy ýylyň 14-nji aprelinde Türkmenistanyň Daşary işler ministri Raşid Meredow bilen Italiýanyň Türkmenistandaky täze bellenen Ilçisi Martin Brukyň arasynda duşuşyk geçirildi.




Nowadays, our lives are closely connected with information technologies. With the widespread use of computers, smartphones and other digital devices in everyday life, the importance of writing instruments has also increased. One of the most important of these instruments is the keyboard. The keyboard layout currently used in many countries of the world is called “QWERTY”. This name comes from the first six letters located in the top row of the keyboard – Q, W, E, R, T, Y. Many people still do not know exactly why this layout was created in this order. Although this system doesn’t seem to be the most logical or convenient. However, the reasons for its creation are related to the structural features of the first typewriters created in the middle of the 19th century.

In the middle of the 19th century, most typing was done manually. In government offices, newspaper editorial offices, and in the business world, it was necessary to prepare a large number of documents. Handwriting was a problem both in terms of time and accuracy. Therefore, in the middle of the 19th century, various inventors tried to create a mechanical device that would facilitate typing. Several different prototypes were created in this area. But one of the most successful among them was created by the American newspaper publisher Christopher Lathem Sholes. Sholes was born in 1819 in the US state of Pennsylvania. He was engaged in journalism from a young age and later worked as an editor. His interest in creating a typewriter arose during his journalism career. Because newspaper work required the preparation of a large number of texts. In the late 1860s, Sholes, together with several partners, began to develop prototypes of the first type-writers. Among these partners were inventors Samuel Willard Soule and Carlos Glidden. Together, they created one of the first successful types of typewriters.

The first typewriters didn’t have letters arranged in the current order. Some early prototypes had letters arranged alphabetically. While this system seemed convenient at first glance, it had several significant drawbacks. The design of typewriters was like this: each letter had a separate metal rod, and when someone pressed a key on the keyboard, that rod would hit the paper and print the corresponding letter. But when people typed quickly, using several letters in a row, the metal rods would touch and become tangled. This situation significantly slowed down the typing process. Therefore, it was necessary to find a new solution to make the typewriter more convenient.

To solve this problem Christopher Lathem Sholes began to change the arrangement of letters. He analyzed the most commonly used letter combinations. For example, the most common pairs of letters: th, he, er, an, re, on. If such letters were placed close together on the keyboard, the metal rods of the typewriter would collide with each other. So Sholes tried to prevent them from colliding by placing them in different places on the keyboard. As a result of these experiments, a system similar to the current QWERTY layout was created in the early 1870s.

Other layouts are also used in different countries around the world. AZERTY keyboard is widely used in France. In Germany and some Central Europe, the QWERTZ layout is used. However, at the international level, the most widely accepted system is still remains QWERTY layout.




With the advent of the first electronic computers in the middle of the 20th century, the QWERTY system became more widespread. Among the reasons for its use in computers were factors such as people already being accustomed to that system, its similarity to typewriters, and the high costs associated with implementing a new system.

Millions of people around the world use the QWERTY system every day. In addition to computers, this system is also widely used on tablets, smartphones, and other digital devices. Thus, the layout of the keyboards we use today remains a historical legacy of the mechanical typewriters of the 19th century.

**Oguldurli GELDIYEVA,**
the 1st year student of the Faculty of International Journalism.

# Medeniýet — halkyň ruhy aýnasy

Biziň köpasyrlyk medeniýetimiz ynsany ruhy taýdan baýlaşdyrýan we bu möhüm gural bilen bütin dünýäde hyzmatdaşlygy ilerletmäge çagyrýan asylly ýörelgelere esaslanýar. Türkmeniň milli medeniýetiniň inçeligini, halkylygyny aýratyn nygtamak gerek.

Türkmeniň baý we özüne çekiji medeniýeti bar. Taryhyň çuňluklaryndan gözbaş alýan däp-dessurlarymyz gadymy Eýranyň, çarwa türki taýpalaryň, Buharanyň golaýyndaky oturymly ilatyň we Hazar deňziniň kenarýakasynda dörän täsirleriň astynda uzak eýýamlardan şu günlere çenli saklanyp galypdyr. Dünýäniň dürli künjeginden gelýän syýahatçylar türkmeniň milli buýsanjy ahalteke bedewiniň ýyndamlygyna, dutaryň şirin owazyna, nepisligi bilen haýrana goýýan halyçylyk sungatyna ýokary baha berýärler.

Her ýyl döwlet derejesinde bellenilýän Medeniýet hepdeligi milli gymmatlyklarymyzyň köpdürlüligini, özboluşlylygyny wagyz etmäge, ussatlyklary bilen durmuşymyzy baýlaşdyrýan bu wajyp ulgamyň işgärlerini hormatlamaga bagyşlanan ajaýyp mümkinçilikdir. Hepdelik mynasybetli gözel Diýarymyzyň şäherlerinde, welaýatlarynda meşhur medeniýet we sungat işgärleriniň gatnaşmagynda şatlyk-şowhuna beslenýän baýramçylyk konsertleri, şekillendiriş we amaly-haşam sungatynyň sergileri, halkymyzyň maddy we ruhy mirasyny goramaga bagyşlanan döredijilik duşuşyklary guralýar. Türkmenistanyň Medeniýet we sungat işgärleriniň gününiň umumadamzat gymmatlyklarynyň we ynsanperwer ýörelgeleriň waspyny ýetiren, sözüň güýji, gudraty bilen şygryýet äleminde ady arşa galan Magtymguly Pyragynyň şygryýet güni bilen utgaşdyrylmagynda hem çuňňur many bar. Ylmy we çeper döredijiligi bilen dünýä medeniýetiniň ösüşine önjeýli goşant goşan söz ussadynyň şygyrlary, jemgyýetçilik ähmiýetli wagyz-nesihatlary, halkyň Watana söýgüsi bilen häsiýetlendirilen poeziýasy Ýer ýüzünde ägirt uly hormata eýe. Akyldar şahyryň şygyrlary türkmeniň medeni gymmatlyklaryny, däp-dessurlaryny şöhlelendirýän jadyly setirleri häzirki we geljekki nesiller üçin ylham çeşmesi bolup hyzmat edýär. Görnükli söz ussadynyň yhlas deri, buýsanç düri bilen döreden dürdäne setirleri bu günki gün halkyň medeni mirasyny gorap saklamakda we ony wagyz etmekde bahasyna ýetip bolmajak gymmatlykdyr.

Yurdumyzda pederlerimizden miras galan däp-dessurlaryň, ynsanperwerlik ýörelgeleriniň, türkmen halkynyň döredijilik kuwwatynyň, milli medeniýetiň ösdürilmegine örän uly ähmiýet berilýär we medeni diplomatiýa döwlet syýasatynyň möhüm bölegi hökmünde garalýar. Teatrlar, kitaphanalar, muzeýler, medeniýet öýleri türkmen medeniýetiniň we sungatynyň gülläp ösýändiginiň subutnamasy bolup durýar.

**Bike ANNAÝEWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň 2-nji ýyl talyby.

# ДИПЛОМАТЫ, ИЗМЕНИВШИЕ МИР

*Историю человечества меняли не только полководцы и революционеры. Нередко судьба государств решалась не на поле боя, а за столом переговоров.*

Дипломатия — это искусство вести переговоры, предотвращать конфликты и находить компромиссы между государствами. Во все времена именно дипломаты помогали сохранять мир, завершать войны и формировать международные отношения. История знает множество выдающихся личностей, которые своим умом, стратегией и настойчивостью изменили ход мировой истории.Среди множества выдающихся личностей особенно выделяются пять фигур, чьи решения стали поворотными моментами мировой истории.




«Железный канцлер» Европы — Отто фон Бисмарк. Отто фон Бисмарк вошёл в историю как архитектор объединённой Германии. В XIX веке немецкие земли были раздроблены, но благодаря его продуманной стратегии и принципу Realpolitik (реальной политики) в 1871 году появилась Германская империя.

Однако сенсация заключалась не только в объединении. После создания государства Бисмарк не стремился к новым войнам. Напротив, он построил сложную систему союзов, чтобы сохранить мир в Европе. Его дипломатия удерживала баланс сил почти два десятилетия. Многие историки считают, что после его отставки Европа потеряла устойчивость, что впоследствии привело к Первой мировой войне.

Мастер политического выживания — Шарль Морис де Талейран-Перигор. Талейран — один из самых искусных дипломатов всех времён. Он служил при разных режимах Франции: при короле, во время революции и при Наполеоне. После поражения Франции он представлял страну на Венском конгрессе.

Сенсация его карьеры в том, что побеждённая страна смогла сохранить влияние среди держав-победителей. Благодаря таланту Талейрана Франция не была изолирована и сохранила своё место среди великих европейских держав.

«Мистер Нет» холодной войны — Андрей Громыко. В XX веке, в период острого противостояния между Востоком и Западом, ключевую роль играл советский дипломат Андрей Громыко. Он более 25 лет занимал пост министра иностранных дел СССР и представлял страну в Организации Объединённых Наций.

Его прозвали «Мистер Нет» за жёсткую позицию и частое использование права вето. Однако за внешней твёрдостью стояла цель — сохранить стратегическое равновесие и предотвратить глобальный конфликт. Он участвовал в переговорах по разоружению и в решении Карибского кризиса, когда мир оказался на грани ядерной войны.

Архитектор дипломатического поворота XX века — Генри Киссинджер. Генри Киссинджер стал символом прагматичной дипломатии времён холодной войны. Его самым громким достижением стало сближение США с Китаем в 1970-х годах. Этот шаг изменил расстановку сил в мире и повлиял на глобальную политику на десятилетия вперёд. Он также участвовал в переговорах по прекращению войны во Вьетнаме и получил Нобелевскую премию мира. Его методы вызывали споры, но влияние на мировую политику было бесспорным.

Голос мира и прав человека — Кофи Аннан. Кофи Аннан стал символом дипломатии нового типа — ориентированной не только на государства, но и на права человека. В качестве Генерального секретаря ООН он продвигал идеи мирного урегулирования конфликтов, гуманитарной помощи и международного сотрудничества.

В 2001 году он вместе с ООН получил Нобелевскую премию мира. Его деятельность доказала, что дипломатия может быть направлена не только на баланс сил, но и на защиту человеческого достоинства.

Эти пять дипломатов жили в разные эпохи и представляли разные страны, но их объединяет одно — они меняли мир без применения прямой военной силы. Их главным инструментом были переговоры, стратегия и политическая дальновидность. Иногда одно «нет» могло остановить конфликт. Иногда один союз — изменить карту Европы. А иногда один дипломатический шаг — повлиять на судьбу миллионов людей. История показывает, что мир создаётся не только на полях сражений, но и в тишине переговорных залов. И именно дипломаты часто становятся настоящими архитекторами будущего.

**Хаджар КАКАДЖАНОВА,**
студентка 1-го курса факультета Международной журналистики.

2026-njy ýylyň 15-nji aprelinde Türkmenistanyň DIM-inde Türkmenistanyň Daşary işler ministriniň orunbasary A.Gurbanow bilen Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň Premýer-ministriniň orunbasary W. Şaýhraziýewiň duşuşygy geçirildi.

# TAWUS WE DURNA

(Erteki)



Gadym zamanlarda bir öwünjeň tawus guşy ýaşapdyr. Ol hemişe özüniň owadan keşbini magtap gezipdir. Her gün golaýdaky derýanyň kenarynda durup, suwa düşüşini esli salym synlandan soň, öz ýanyndan: «Meniň owadan guýrugymy görmäge göz gerek. Ýeleklerimiň dürli öwüşginler bilen şugla saçaýşyny diýsene, owadanlygy bilen gözleri gamaşdyrýar. Men dünýädäki iň owadan guş bolmaly» diýýän eken.

Bir gün öwünjeň tawus derýanyň kenarynda gezip ýören durnany görüpdir. Oňa durna seretse-de, göniýetmezçilik edip, ondan derrew ýüzüni sowupdyr. Biraz wagtdan soň öwünjeň tawus guşy gedemlik bilen durna ýüzlenipdir:

— Gör, sen nähili tagaşyksyz guş! Seniň ýelekleriňem örän öçügsi, örän solak görünýär...

Durna bolsa oňa sadalyk bilen:

— Elbetde, seniň ýelekleriň juda owadan, meniň ýeleklerim welin, beýle bir gelşikli däl. Ýöne owadan ýelekleriň saňa uçmaga päsgel berýär, olaryň saňa asmana galmaga-da nepi degmeýär. Meniň ýeleklerim bolsa, maňa al-asmanda bulutlaryň ýokarsyndan uçup ýörkäm aşakda seniň özüňi alyp barşyňy synlamaga mümkinçilik berýär — diýip, jogap beripdir. Durna bu sözlerden soň asmana galyp, gözden gaýyp bolupdyr. Tawus guşy bolsa durna ýaly has ýokary uçup bilmeýändigi üçin kemsinip galypdyr.

# GAPLAŇ HILESI

(Erteki)

Gadym zamanlarda jeňňellikde tapdan düşen bir garry gaplaň ýaşapdyr. Ýaşlyk güýjüni we çalasynlygyny ýitiren gaplaň ynjalykdan gaçyp: «Mundan beýläk men aw edip bilmerin, şonuň üçin özümi açlykdan halas etmegiň bir ýoluny tapmaly» diýip, oýlanypdyr.

Köp wagtlap pikirlenen gaplaň özüçe gowy çykalga tapypdyr. Ol tokaýyň ähli haýwanlaryny daşyna üýşüripdir-de: «Indi men garrapdyryn, şonuň üçin hem galan ömrümi takwalykda geçirmek isleýärin. Mundan beýläk diňe miweler we ir-iýmişler bilen oňňut edip ýaşamak kararyna geldim. Şonuň üçin şu günden başlap, jeňňeliň hiç bir jandaryna menden gorkmak gerek däl» diýipdir.

Haýwanlar gaplaňyň bu sözlerine güp ynanypdyrlar hem-de öz aralarynda: «Gaplaň diýseň asylly hereket etdi. Biz gidip, oňa hormat goýýandygymyzy bildirmelidiris» diýşipdirler.

Şeýlelikde, haýwanlar gezekli-gezegine her gün gaplaňyň gowagyna onuň hal-ahwalyny soramaga barypdyrlar. Ýöne näme üçindir gowaga giren haýwanlar hemmesi gaýdyp yzyna çykmandyrlar. Sebäbi gaplaň her gün ýanyna barýan haýwanlaryň üstüne duýdansyz topulyp, olary lak-luk atypdyr. Şeýdip, ol özüni açlykdan goraýan eken.



Günlerde bir gün hilegär tilkijik oýlanypdyr-da: «Be-e, gaplaň nädip miwelerdir ir-iýmişler bilen oňňut edip bilýärkä? Men muňa hiç ynanyp bilemok. Gidip hakykaty öz gözlerim bilen görüp geleýin» diýip, oýlanypdyr-da, takwalyk ýoluny saýlan gaplaňdan habar tutmak üçin onuň gowagyna tarap ýönelipdir. Ol ilkibaşda hüşgärlik edip, özünden öň gowaga gelen haýwanlaryň aýak yzlaryny barlapdyr. Şonda gowaga gelen ähli aýak yzlaryň gowagyň agzynda ýitip gidýändigine we hiç bir yzyň ol ýerden daşary çykmandygyna göz ýetiripdir. Muny anyklandan soň tilkijik öz-özüne: «Bu ýalançy «takwany» diri saklamak üçin ölmek islämok» diýipdir-de, gaplaňyň aldawyna düşmedigine begenip, öz ýoluna rowana boluberipdir.

Iňlis dilinden terjime eden
**Ajaýyp NOBATOWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
5-nji ýyl talyby.

# OMAR HAÝÝAM — GÜNDOGARYŇ AKYLDARY



1074-nji ýylyň ahyrynda Omar Haýýam Ysphana, ýagny seljuklaryň ägirt uly döwletiniň paýtagtyna barýar. Oňa ol ýerde obserwatoriýa ýolbaşçylyk etmeklik tabşyrylypdyr. Akyldar 18 ýyllap obserwatoriýa ýolbaşçylyk edýär. Şol wagt Omar Haýýam «Mälik şanyň astronomik tablisalary» diýen işini ýazýar. Bu işde ýyldyzlaryň atlary, olaryň ýyldyzlar toplumyndaky ýagdaýlary, uzaklyk we giňişlik, ýyldyzlaryň beýikligi, ýyldyzlaryň täsiri bilen adamlaryň şäht-ahwalynyň üýtgeýşi hakda ýazylypdyr.

Omar Haýýam özüniň «Nowruznama» diýen kitabynda astronomiýa bilen astrologiýany aýrybaşga görkezmeýär. «Nowruznama» iki bölümden ybarat bolup, onuň 1-nji bölüminde Nowruzyň nämedigini, ony ozalky Eýran şalarynyň belländigi, şalaryň köşgündäki däp-dessurlary, olaryň özlerini alyp barşyny täsirli görnüşde beýan edýär. Haýýam işiniň 2-nji bölüminde Eýran patyşalarynyň işleri, durmuşy, öz raýatlaryna ýolbaşçylyk edişleri baradaky däpler hakda köp zatlar aýdypdyr. «Nowruznama», «Arpa sümbülleri hakda», «Altyn hakynda», «Hazynalaryň alamaty hakynda», «At hem-de onuň mertebesi hakynda», «Laçyn hakynda», «Şerabyň peýdasy hakynda» diýen rowaýatlar hem özünde uly öwredijilik, terbiýeçilik goryny jemleýär.

Umuman alanyňda, Mälik şanyň hökümdar bolan ýyllarynda alym örän öndümli işläpdir. Şol döwürde Omar Haýýam «Ýewklidiň kitabyna düşündiriş», «Giňişligiň zerur şertleri», «Fizikanyň gysgaça beýany», «Gymmatlyklaryň hazynasy», «Altynyň we kümüşiň mazmunyny kesgitlemek», «Barlyk we borçlulyk» diýen kitaplary ýazypdyr.

1104-nji ýylda akyldar «Ýaşaýşyň ähłumumylygy» hakynda traktaty ýazypdyr. Alym şol döwürde pedagogiki iş alyp barypdyr, medresede okadypdyr, öz öýünde sapak beripdir. Onuň rubagy görnüşinde ýazylan goşgy setirleri okyjylaryň arasynda uly meşhurlyga eýedir.

**Aýjennet ROZYÝEWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
2-nji ýyl talyby.

# OKAÝMALY SETIRLER

*Ak ýürekden salam berýän islendik ynsanlar, seniň ýüregiňe ýakyn adamlardyr.*

***

*Halaýyk salamly adamlaryň aşygy.*

***

*Salamsyz adamyň egnine perişde gonmaz.*

***

*Ýagşy niýet bilen ýola çykanyňda, öňüňden salamsyz bende çykmasyn.*

***

*Mugallymyna çyn ýürekden salam berýän talyp, hakyky talypdyr.*

***

*Mugallymyň bir ynjasa, ene-ataň iki ynjar.*

***

*«Tyg ýarasy biter, dil ýarasy bitmez» diýýärler. Bu dogaýy sözi ýürek ýarasyny döredýänler bilmeýärmikäler?! Bilýärler. Olary beýik Biribar şeýle ýaradypdyr.*

***

*Toý-tomgada halka hyzmat edýän ynsanlar perişde sypat adamlardyr.*

***

*Nakyly söýýän ynsan, aňsat-aňsat ýalňyşmaz. Çünki ol akyly söýýändir.*

***

*Başarsaň il-güne hormat goý, başarmasaň dymmagy söý.*

***

*Kimdir birine daýanyp garasöýmezlik edýänleriň ertir ýolda ýeke galjaklygyndan habary ýokdur.*

***

*Töweregiňdäkiler dymmak bilen oňyarmy, onda sende uly bir ýalňyşlyk bardyr.*

***

*Diri wagtyň beýik hormata mynasyp bolsaň, halk şu günem we ahyrky ýoluňda-da seni egninde göterer.*

***

*Ýalňyş ýol bilen gazanylan baýlyk ömrüňi kertýändir.*

***

*Möwlananyň aýdyşy ýaly: «Diňe ýagşylygy we hakykaty gözle».*

***

*Diňe gowulyk etmäge çalyşýan adamyň ömri zynatlydyr.*

***

*Ruhy baý, ajaýyp adamlar az ýaşasalar-da, olar ynsanlaryň kalbynda uzak ýaşaýarlar.*

***

*Eden ýagşylyklaryň diňe özgelere däl, özüňe-de nep getirer.*

***

*Ululary aga saý, kiçileri ini saý, şonda bagtyň özi bildirmän geler.*

***

*«Üçden soň puç» diýselerem, tutan maksadyňdan dänmejek bol.*

***

*Iliň-günüň aýdanyny berk belle, ýöne öz böwrüňem diňle.*

***

*Sada adamlar bilen dostlaşsaň, dostlugyň uzaga gider.*

***

*Pespäl, dana adamlaryň bar ýerinde ynsanlar şükrana bolýarlar.*

**Jumaberdi ARTYKOW,**
Žurnalistikanyň nazaryýeti we amalyýeti kafedrasynyň mugallymy,
«Ýaş diplomatyň sesi».

2026-njy ýylyň 15-nji aprelinde Türkmenistanyň DIM-de Türkmenistanyň Daşary işler ministriniň orunbasary A.Gurbanow Ermenistan Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi A.Awagýan bilen duşuşyk geçirdi.



Baş redaktor
**Jumaberdi ARTYKOW**

*Baş redaktoryň orunbasarlary:* A.Ýazweliýew, Ý.Hallyýew.
*Jogapkär kätip:* O.Çaryýarowa.
*Jogapkär kätibiň orunbasary:* A.Begenjow.
*Bölüm müdiri:* B.Baýhanow.
*Edebi işgärler:* Ş.Şyhyýew, A.Nedirowa, A.Baýjiýewa, G.Allagulyýewa, O.Garrygulowa.
*Korrektorlar:* O.Geldiýewa, S.Çaryýew.
*Fotohabarçy:* T.Gurbandurdyýew.

*Redaksion geňeşiň agzalary:*
P.Çaryýew, M.Berdinyýazow, B.Gylyçmyradow, R.Bäşimow, B.Karaýew, O.Ezimowa, M.Gandymowa, D.Ballyýewa, B.Ataýew, M.Atajanowa, J.Pürjäýewa.

Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.

E-mail:
hgi.redaksiya@gmail.com